# Ýaşlar dialogy pugtalandyrylýar

**Mälim bolşy ýaly, ýaşlar häzirki zaman dünýäsinde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde aýratyn orun eýeleýärler. Milletler Bileleşigi ýaşlaryň döredijilikli çemeleşmesiniň, taglymlarynyň we güýç-kuwwatynyň dünýä jemgyýetçiligini mundan beýläk-de ösdürmek üçin möhüm ähmiýete eýedigini öňe sürýär. Şu jähetden, 9 — 13-nji mart aralygynda Aşgabatda Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary üçin ikinji sebitleýin okuw maslahatynyň geçirilmegi ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy işjeňleşdirmek babatda möhüm meýdança bolup hyzmat etdi.**

Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak üçin yzygiderli işler alnyp barylýar. «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 — 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasyna» laýyklykda, ýurdumyz ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen syýasaty durmuşa geçirýär. Bu ugurda amala aşyrylýan anyk işleriň mysaly hökmünde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça döredilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Ýaşlar dialogyny görkezmek bolar. Onuň ilkinji duşuşygy 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda Arkadag şäherinde, ikinjisi bolsa 2025-nji ýylyň aprel aýynda BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda geçirildi. Geçen ýyl ýola goýlan Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary üçin sebitleýin okuw maslahaty hem ýaş hünärmenleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary işjeňleşdirmekde, sebit meseleleri boýunça ýaşlaryň garaýyşlaryny ilerletmekde möhüm meýdança öwrüldi.

Türkmenistanyň Hökümetiniň BMG-niň ýurdumyzdaky Hemişelik utgaşdyryjysynyň wekilhanasy bilen bilelikde guran bu okuw maslahatynyň maksady ýaş diplomatlaryň hünär bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmakdan, goňşy ýurtlaryň ýaş hünärmenleriniň arasynda ynanyşmagy hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakdan, ählumumy we sebit meseleleri boýunça bitewi garaýşy döretmekden ybaratdyr. Diplomatiýada ýaşlaryň we zenanlaryň mümkinçiliklerini, bilimlerini artdyrmaga, häzirki döwrüň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmaga hem-de olaryň netijeli çözgütlerini işläp taýýarlamakda toplanan özara tejribeleri has-da baýlaşdyrmaga gönükdirilen çäreler maslahatyň esasy gün tertibinden orun aldy. Ýeri gelende bellesek, bu okuw maslahaty Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň hem-de Özbegistanyň ýaşy 30-a çenli bolan diplomatlarynyň 25-sini türkmen paýtagtynda jemledi.

Okuw maslahatynyň ýurdumyzyň ýokary diplomatiýa mekdebinde geçirilen açylyş dabarasynda Daşary işler ministrliginiň wekilleri, daşary döwletleriň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary çykyş etdiler. Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki okuw maslahaty diňe bir ýurdumyzyň we daşary döwletleriň diplomatik işgärleriniň, BMG-niň wekilleriniň ussatlyk sapaklaryny däl, eýsem, möhüm halkara meseleler boýunça netijeli pikir alyşmalary hem özünde jemleýär.

Все права защищены

**Altymyrat ŞYHMYRADOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 08.05.2026